# Garaköndügiň başdan geçirenleri: 9. Ýegre dost

Category: Kitapcy,Powestler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Garaköndügiň başdan geçirenleri: 9. Ýegre dost 9. ÝEGRE DOST

Garaköndük bu gün hemmelerden ir oýandy. Şol wagt daň atyp, ak iňrik töwerege süýt kimin reňkini çalyp ugrapdy. Ir tursa-da, Garaköndük bu gün: «Men oýandym, meni sekiden düşüriň» diýmek üçin mawlamaga het etmedi. Demi çykdygy Emiriň özüni ýene ýorunjalygyň içine oklap goýberjegini bilýärdi. Geçen sapar birnäçe gezek oklanynda hem ol tas Garaköndügiň gapyrgalarynyň külüni çykarypdy. Ýöne näme-de bolsa, ýumşajyk ýorunjalar hem Garaköndügiň aýaklarynyň üstüne düşüp bilmesi onuň dadyna ýetipdi.
Akbilegiň ata-babalarynyň tokaýdan kowluşy hakda Mekanyň atasyndan eşiden gürrüňleri sebäpli, henizem Garaköndügiň keýpi ýokdy. «Meniň ata-babalarym näme üçin ýagdaýa doly göz ýetirmän, beýdip, şugulçylyk etdikäler?» diýip, Garaköndük Mekanyň ýorganyndan çykyp, Emir bilen Mekanyň aralygyndaky boşlukda çommalyp oturdy-da, içini gepletdi. «Itler pişikleri kowalamaz ýaly däl eken. Indi men, bu waka hakda eşidemsoň, Akbilegiň gözüne nädip görnerkäm?».
Garaköndük pikire batyp, köp oturdy. Oturyp-oturyp, aýaklary gurşup gitdi. Soň ýadap, gerinjiredi. Uzyn-uzyn palلady. Töweregindäkiler oýanar ýaly däldi. «Wah, basymjak ulalyp, şu sekiden düşmegi bir başarsadym» diýip, Garaköndük pikir öwürdi. Hiç kimiň oýanmaýşyna ýüregi gysyp gitdi. «Pişiklere köp ýatýar» diýýärlerem welin, adamlaryň özlerem-ä az ýatanok. Daň agaranda bir turaýmaly ahyry bular. Adamlar diňe garaňkyda ýatsa bolýa-da. Gündiz olaryň işem köp-ä».
Garaköndük ahyry çydamady. Mekan bilen Mekanyň ejesiniň aýaklaryna münüp, eýläk-beýläk ýöredi. Emire tarap welin, geçmäge het etmedi. Şol wagt ala sygryň uzyn-uzyn molamasy-da eşidildi:

—Mo! Mo!
Mekanyň ejesi aýaklarynyň üstündäki gybyrdyny duýdy. Oýaly-ukuly halda ýatyşyna: «Garaköndükdir-ow şü» diýen pikiri aňyna aýlady. Derrewem gözüni açyp, diklenip oturdy. Edil şol wagtam ala sygryň sesi gulagyna geldi.
—Garakündük, sen eýýäm oýandyňmy?—diýip, Mekanyň ejesi garaja pişige gep goşdy.—Gel, men seni peşehanadan çykaraýyn hem sekiden düşüreýin. Sen ýere düşüp bilmän otyrsyň gerek?
—Mýaw—edip, Garakündük ýuwaşja jyňňyldy bilen Mekanyň ejesine jogap berdi.
—Ala sygyr nämä daň bilen molaýarka? Oňa näme bolduka?—diýip, Mekanyň ejesi Garakündügi eline alyp, ýere goýberip durşuna özbaşyna gepledi.—Ýa gölejigi boldumyka?
Garakündük ýere düşenden, öz aladalary bilen gybyrdap, ekiniň aýagujyna gitdi. Gidip barýarka gulaklaryna Emiriň gaharly sesi ildi:
—Nämä hüňürdeşýäňiz? Ýene pişik oýandymy? Indi bu öýe pişik gelen bolsa, arkaýyn uky alyp bolmaz!
—Pişik oýansa-da, bu gün sesini çykarmady, ýatyber, oglum—diýip, ejesi Emire jogap berdi.—Men gepleýän. Sygrymyz guzlady öýdýän. Molap, sesi gelýä.
Garakündük öz işlerini bitirip, gapa geldi-de, mazaly ýalanyp, ýuwundy. Şol wagt derwezäniň aşagyndaky boşlukdan Akbilegiň penjeleri göründi. Ony görüp, Garakündük gorkup gitdi. «Akbilek menden atalarynyň aryny almaga geldimikä?» diýip, alada bilen içini gepletdi. «Haçanda gorkmaga zadyň baryny bilen halatyň gorky has-da gorkuly bolýan eken!»
Akbilek howlynyň haýaty bilen derwezäniň aralygyndaky yşlara ýüzüni goýdy-da, howla seretdi. Ol yşdan Akbilegiň käse ýaly, ullakan bir gözi Garakündüge göründi. Akbilegiň gözi sowuklaç balkyldap duranam bolsa, Garakündük onda öte gahar baryny duýmady. Şol sebäpli hem onuň ýüregindäki gorkusy birneme düşüşdi. Ýöne Akbilegiň ýanyna barjagyny-da, barmajagyny-da birbada bilmedi. Ýaýdandy durdy. Onýança Akbilegiň özi Garakündügi ýanyna çagyrdy:
—Wowf! Kündük, gel bärik!
«Näme üçin?» diýip, Garakündük Akbilekden soramakçy boldy.

Birdenem gaty gygyraýsa, Emiriň oýanjagyny ýadyna salyp, sesini çykarmady. Gyrmyldap, derwezä tarap ugrady. Ýöne howlynyň daşyna welin çykmady. Ýogsa ol, derwezäniň aşagyndaky sere boýy boşlukdan arkaýyn geçibem biljekdi.
Garaköndük derwezäniň bir ädim ýaly golaýyna baryp, badyny saklady. Akbilegiň ýşdan seredýän ullakan ýeke gözüne tiňkesini dikdi.
—Mýaw… Näme, Akbilek?—diýip, Akbilege ýüzlendi. Soň hem: «Sen meni iýmäge geldiňmi?» diýip, sorajak boldy. Ýöne birdenem, düýn Akbilegiň: «Itler pişikleri iýmeýär, diňe gorkuzýar» diýenini ýatlap, gepini başgaça dowam etdi.—Akbilek, men seniň ýüzüňe seretmäge utanýan. Ata-babalarymyz biz—pişikleri itleriň ýanynda nähili uýada goýup gidipdirler! Ol bolan zatlar üçin men senden ötünç soraýan, Akbilek!
—Wowf! Sen utanma, Kündük! Geçeni geçdi bileli. Boljak iş bolupdyr. Ol bolan waka üçin seniň-ä günäň ýok, meniň bolsa jebir çeken ýerim. Ata-babalarymyzyň eden işleri üçin näme üçin ikimiz duşman bolmaly?
—Sen gaty gowy it ekeniň, Akbilek!—diýip, Garaköndük çyny bilen aýtdy. Özem Akbilegiň bu rehimliligi üçin ony hakykatdan-da gowy gördi.—Mýaw! Ynanaý sen şuňa, Akbilek!
—Itleriň hiçisem erbet däldir, wowf!—diýip, Akbilek Garaköndüge jogap berdi.—Itler diňe özlerine degeni ýarýarlar.
—Geçen agşam Mekanyň atasy pişikleriň itleri tokaýdan kowduryşy hakdaky wakany gürrüň berdi—diýip, Garaköndük gepini dowam etdi.
Akbilek onuň sözüni böldi:
—Bilýän. Men hem onuň gürrüňini diňledim.
Garaköndük haýran galdy. «Akbilek nädip bärdäki gepi hol, allaowarradaky goňşynyň öýünden eşidip bildikä?» diýip, gözlerini elek-çelek edip, içini gepletdi. Onuň näme hakda pikire batanyny Akbilek aňdy. Şonuň üçinem Garaköndügiň özüne berjek sowalyna garaşman:
—Biz, itler gaty uzaklardaky sesleri-de eşidip, diňläp bilýäris—diýdi.—Özüňem, gel, bärik geçäý, Garaköndük. Men seniň bilen uruşmakçy däl. Meniňem ýüregim gysýa. Bile oýnamaga ýoldaş gerek. Obadaky itleriňem köpüsi bilen garpyşyp

çykdym. Olaryň köpüsi bolsa ýaşaýan howlularyndanam çykanoklar. Şol, iýip-içip ýatyrlar. Mekanyň atasy aýtd-a, adamlaram bir wagtlar biri-birleri bilen urşup, biri-birlerini mekanlaryndan kowupdyrlar diýip. Indi bolsa, bütin dünýäniň adamlary dostlaşýarlar diýdi. Biri-birleriniň günäsini bagyşlaýarlar diýdi. Men ata-babalarymyň kinesini unudyp, seniň bilen dost boljak, Garaköndük. Biri göwnüňe degjek bolsa, aýdaý. Men seni goraryn.
—Bolýa—diýip, Garaköndük Akbilek bilen ylalaşdy. Birden onuň ýadyna Emir düşdi.—Sen meni Emirdenem gorarmyň?
—Ýok, wowf, ol işi boýun alyp biljek däl—diýip, Akbilek Emirli meselä goşulmak islemedi.—Emir diýen oglanjyk menem urýa. Ondan özümem gorkýan. Şonuň üçin men seni Emirden gorap bilmen, Köndük, sen gaty görme. Ýöne saňa başga pişikler degjek bolsa, goraryn, kirpilerden goraryn. Beýleki garagol çagalardan goraryn. Razymyň sen şuňa, Garaköndük.
—Bolýa-da—diýip, Garaköndük Akbilegiň teklibi bilen ylalaşdy. Soň bolsa, derwezäniň aşagyndaky boşlukdan sümüp, köçä çykdy. Akbilegiň gapdaljygynda durdy. Akbilegiň özi bilen hakykatdan-da dostlaşmak isleýänini Garaköndük duýdy. Akbilek özüniň ýanjagazyna gelen Garaköndüge diňe mähir bilen seredýärdi.
Şol wagt goňşy öýden Emiriň düýn saçyndan çeken gyzjagazy Aýna çykdy. Onuň elinde bir bölek süňk bardy. Ol:
—Akbilek!—diýip gygyrdy.—Nirede sen? Me, süňk bereýin saňa.
Akbilek Aýnanyň ýanyna baryp, onuň uzadan süňküni agzyna aldy-da, ýene Garaköndügiň ýanyna gaýtdy. Aýna Akbilegiň yzyndan gygyrdy:
—Akbilek, sen ýene kiçijik pişigiň ýanyna bardyňmy? Oňa degäýseň, Emir seniň gulak-guýrugyňy keser!
Akbilek Aýna hiç hili jogap bermedi. Agzyndaky süňki bolsa ýoluň ugrundaky tutlaryň biriniň düýbüni gazyp, şol ýere gömüp goýdy.
—Iý-dä ony, Akbilek!—diýip, Garaköndük Akbilegiň ýere süňk gömşüni geňläp, oňa ýüzlendi.—Ony näme gömüp goýýaň?
—Häzir meniň süňk işdäm ýok—diýip, Akbilek Garaköndüge jogap berdi.—Häli, irden, oýanan halatym nahar baryny iýdim. Ol süňki bolsa ajygan halatym alyp iýerin.—Şeý diýdi-de, Akbilek

sözüne birden dyngy berdi. Ullakan gözlerini elek-çelek edip, Garaköndüge tiňkesini dikdi.—Ýa sen iýjekmidiň ol süňki?—diýip, Garaköndükden sorady.—Endigim boýunça hasyr-husur gömäýipdirin. Saňa hödürem etmändirin.
—Ýok, men süňk iýip bilemog-a—diýip, Garaköndük jyňňyldap gepledi.—Men entek ullakanja etem iýip bilemok. Dişlerim kiçijik. Maňa Mekan dagy ýumşajyk et bilen ýumşajyk nahar berýäler.
Olar şeýle bir kän gürrüň etdiler. Garaköndük hat-da Mekandyr Emiriň ukudan oýanyp, iýip-içip bolanynam duýmady. Mekan turanda pişigine gözi düşmänsoň, ol nirededir bir ýerde uklap ýatandyr öýtdi. Oýnamak üçin köçä çykanda bolsa Akbilek bilen Garaköndügiň bileje oturanyny görüp, haýranlar galdy.
—Köndüjek, sen bärdemi?—diýip, pişigine ýüzlendi.—Men bolsam, sen bir ýerlerde uklap galansyň öýtdüm.—Şeý diýensoň, Mekan pişigini mähir bilen sypap goýberdi-de, bu ahwalaty Emire-de görkezmek üçin ýene yzyna—öýe ylgady. Emiriň ýanyna ýetip-ýetmän gygyrdy.—Emir, Garaköndügiň nirede oturanyna seretsene! Ol Akbilek bilen bileje otyr! Akbilek oňa zat diýenok!
—Gylyklary gowy bolanda it bilen pişigem dostlaşyp bilýär—diýip, ik egrip oturan enesi Emiriň ýüzüne bakyp gepledi.
Emir Mekanyň yzyna düşüp, Garaköndük bilen Akbilegiň bileje oturanyny görmek üçin köçä çykdy. Emiriň gelýänini bilen Akbilek Emir köçä çykmanka gaçyp gitdi. Emir çykan halaty derwezäniň öňünde Garaköndügiň bir özi otyrdy. Akbilek bolsa öz bolýan öýüne sümüp gitdi.
—Näme ýalan sözleýäň?—diýip, Emir Mekanyň ýeňsesine oýun edip, ýelmäp goýberdi. Soň bolsa ýumak ýalyjak bolup oturan Garaköndügiň böwrüne öňki endigi boýunça aýagyny degirdi:
—Saňa-da diýmedimmi men, Köndük, «Köçä çykma!» diýip. Akbilek degmände-de, başga it dişlese, näme etjek, hä? Ugra öýe!
Gödek geplese-de, Emiriň öz aladasyny edýänine Garaköndük düşündi. Şonuň üçin gulagasyjylyk bilen howla girdi. Uklamaga-da çen bolupdy. Mekanyň ejesi onuň käsesine süýt guýup goýan eken. Ol käsedäki süýdi içdi-de, Mekanyň ik egrip oturan enesiniň ýanyna baryp, uka gitdi.

Dowamy bar..

OGULSENEM TAÑÑYÝEWA. Powestler